# Eý, kelle!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Eý, kelle! EÝ, KELLE!

Diýýärsiñ öz ýanyndan «Ähli syna başdyryn».
Jöwen başy dek bükür başlanaýşyñ, eý, kelle!
Eden bar günäleriñ boýnunadyr ýaşlygyñ,
Kyrk ýaşap, elli ýaşap, ýaş bolaýşyñ, eý, kelle!

Dili berdiñ gybata, garny berdiñ meýhana,
Puly berdiñ gymmata, dini berdiñ diwana,
Eli – erbet hyzmata, göwni berdiñ şeýtana,
Diñe bir özüñ ak guş, kaş bolaýşyñ, eý, kelle!

Özüñçe görüp bildiñ ne ýakyny, ýady sen,
Ýüki ýetik göwräniñ gerekmejek zady sen.
Iki çeti deşilen, güwläp duran kädi sen,
Misli harytsyz dükan, boş bolaýşyñ, eý, kelle!

Munça parhsyzlyk bormy kök-damary bir jana,
Gulakda hyşy-wyşy, bagry gark etdiñ gana.
Özüñ hakda soralsa, diýen bolýañ «dürdäne»,
Hakykatdan şeýlekin daş bolaýşyñ, eý, kelle!

Señ bu sulba peýdalañdan zyýanyñ kän müñ esse,
Göze göriplik berdiñ, öýkeje ajy tüsse.
Böwrege daş ýygnadyñ, hem göwne gaýgy-gussa,
Ýene bela-beterlerden aç bolaýşyñ, eý, kelle!

Seniñ ugruñda ýortup, aýaklara gün ýokdur,
Ilki sen bir ganmasañ, hiç synama gan ýokdur,
Dünýäde söýýän zadyñ, keýpi-sapa, konýakdyr,
Bu ykbalsyz ömüre duş bolaýşyñ, eý, kelle!

Daça, peşgeş – artykmaç hukuklar saña gerek,
Maşynmy? Baş üstüne! Ony-da sürme gerek.
«Ind-ä bolandyr!» diýseñ, bir türpe mürze gerek:

Derdi agdyk dünýäme iş bolaýşyñ, eý, kelle!

Italmaz AKMYRADOW. Goşgular